GARAŞSYZ, BAKY BITARAP WATANYMYZA, MÄHRIBAN HALKYMYZA, TÜRKMENISTANYŇ HORMATLY PREZIDENTINE — TÜRKMENISTANYŇ ÝARAGLY GÜÝÇLERINIŇ BELENT SERKERDEBAŞYSYNA GULLUK EDÝÄRIN!

# ESGER

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Dünýäde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet — bu biziň ata Watanymyz — eziz Türkmenistandyr!

Gazet 1993-nji ýylyň 6-njy martyndan bäri çykýar. • № 34 (1690) • 2025-nji ýylyň 21-nji awgusty • Penşenbe



*Türkmeniň ak ýoly — Galkynyş ýoly*

## ÝURDUMYZYŇ ENERGETIKA STRATEGIÝASY

***sebitde ykdysady hyzmatdaşlygy berkitmegiň, parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmaga ýardam bermegiň hem esasy şerti bolup durýar***

*Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň pähim-paýhaslary esasynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň ykdysadyýetiniň ýokary depginde ösmegini üpjün etmek we işjeň maýa goýum syýasatyny alyp barmak, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen, giň gerimli döwlet maksatnamalary, ýurt we sebit maksatly iri taslamalar durmuşa geçirilýär. Häzirki döwürde mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk, hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk şanly toýlaryna barýan Türkmenistanda ykdysadyýetiň öňdebaryjy pudaklary bolan ýangyç-energetika, gurluşyk we senagat, himiýa, ulag-aragatnaşyk pudaklaryny hem-de hususy pudagy ösdürmek babatda uzak geljegi nazarlaýan işler alnyp barylýar. Şeýle taslamalary halkara maýadarlar we hyzmatdaşlar bilen bilelikde amala aşyrmaga uly ähmiýet berilýär.*

Türkmenistanyň geosyýasy hem-de geoykdysady taýdan amatly ýerleşmegi, ägirt uly uglewodorod ýataklaryna baý bolmagy hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy senagatlaşdyrmak, energetika serişdeleriniň eksport edilýän ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça amala aşyrýan syýasaty netijesinde, soňky ýyllarda dünýä derejesinde ýangyç-energetika pudagynda eýeleýän ornuny has-da berkitdi. Iri energetika döwleti hökmünde Türkmenistan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda energiýa serişdelerini öndürmegiň, ibermegiň hem-de peýdalanmagyň daşky gurşawa oňaýsyz täsirini peseltmäge gönükdirilen syýasaty durmuşa geçirýär. Şol bir wagtda ýurdumyz «ýaşyl» önümçilige geçmegi ilerletmegiň tarapdary bolup çykyş edýär. Çünki adamzadyň geljegi arassa we durnukly energiýa bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmakda, dostlukly gatnaşyklary berkitmekde netijeli gural bolup hyzmat edýän oňyn Bitaraplygymyz aýratyn ähmiýete eýedir. BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalary bilen üç gezek ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy ýurdumyza howpsuzlyk, parahatçylyk we hyzmatdaşlyk boýunça oňyn başlangyçlary dünýä bileleşigine teklip etmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň energetika pudagynda giň maýa goýum mümkinçilikleri nebit we nebithimiýa pudaklarynyň ösüşi üçin uly geljegi açýar.

Diýarymyzyň strategik çemeleşmeleri ykdysady ösüşi goldamak, senagaty diwersifikasiýalaşdyrmak, dünýä ykdysadyýetine goşulyşmak üçin ägirt uly uglewodorod gorlaryndan netijeli peýdalanmaga gönükdirilendir. Dünýä bazarlary üçin goşulan bahasy ýokary bolan önümleri öndürmegi ugur edinýän döwrebap nebithimiýa toplumlaryny gurmak we ösdürmek boýunça taslamalar uly gyzyklanma döredýär. Şunuň bilen birlikde, iri känlerde nebitiň gazylyp alnyşyny artdyrmak, geologik barlaglara innowasiýalary çekmek, magdan we magdan däl gazylyp alynýan baýlyklary agtarmak hem-de ýüze çykarmak üçin mümkinçilikler bar. Ýurdumyzda öndürilýän, importyň ornuny tutýan önümleriň dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen işler durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň energetika syýasaty milli ykdysadyýetimiziň esasy pudaklarynyň biri bolan nebitgaz senagatyny hemmetaraplaýyn ösdürmäge we onuň halkara energetika ulgamyna okgunly goşulyşmagyny üpjün edýär. Munuň özi ýurdumyzyň eksport mümkinçilikleriniň artmagyna ýardam edýär. Diýarymyzyň ýangyç-energetika toplumyny ösdürmekde ägirt uly «Galkynyş» gaz käniniň tapgyrlaýyn özleşdirilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Häzirki wagtda uglewodorod çig malyny gaýtadan işlemek boýunça iň täze enjamlar bilen enjamlaşdyrylan gazy gaýtadan işleýän toplumlar hereket edýär.

Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasy ýurdumyzyň energetika strategiýasyny amala aşyrmakda nobatdaky anyk ädim bolup, ýangyç-energetika toplumyny döwrebaplaşdyrmak, geljegi nazara almak bilen, onuň kuwwatyny artdyrmak, energiýa serişdelerini dünýä bazaryna çykarmagyň täze ulgamlaryny döretmek üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat eder. Bu iri taslama türkmen tebigy gazynyň Günorta Aziýa ýurtlaryna iberilmegini üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem, sebitde ykdysady hyzmatdaşlygy berkitmegiň, parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmaga ýardam bermegiň hem esasy şerti bolup durýar.

Ýurdumyzyň energetika pudagyny dünýä nusgalyk derejede ösdürýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

***«Esger».***

Häzirki zaman dünýäsinde daşky gurşawyň goraglylygy, ekologiýa abadançylygy parahatçylygy üpjün etmegiň we ynanyşmagy ýola goýmagyň esasy şertleriniň biri hökmünde öňe çykýar hem-de ýurdumyz bu möhüm ugra halkara jemgyýetçiliginiň ünsüni çekmek üçin giň möçberli işleri durmuşa geçirýär. Ekologiýa meselesi Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamyndaky işleriniň we onuň ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasynda hem öz beýanyny tapdy.

## GÖZEL GÖRKLI EZIZ DIÝARYMYZ

Häzirki wagtda ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek meselesi aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýar. Ýer togalagy umumy öýümizdir, biz ony umumadamzat abadançylygynyň bähbidine geljekki nesiller üçin aýap saklamalydyrys. Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde işjeň orny eýelemek bilen, mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk, hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk şanly toýlaryna barýan Türkmenistan ekologiýa hem-de daşky gurşawy goramak ulgamyndaky ählumumy meseleleri çözmäge gönükdirilen anyk başlangyçlary öňe sürýär. Bu ugurda ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary, beýleki abraýly düzümler bilen netijeli hyzmatdaşlyk edýär.

Ekologiýa abadançylygy ösüşleriň möhüm şerti bolup durýar. Şondan ugur alyp, Türkmenistan Watanymyz daşky gurşawy goramak syýasatyny rowaçlandyrýar. Hazaryň kenaryndaky ajaýyp künjekde ýerleşýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy Merkezi Aziýanyň merjen dänesi hasaplanýar. Bu merkez özüniň binagärlik çözgüdi netijesinde Awazanyň tebigy aýratynlyklary bilen sazlaşykly utgaşýar.

Bary-ýogy birnäçe ýylyň içinde ýurdumyzyň jana şypaly bu künjegi tanalmaz derejede düýpli özgerdi. Häzir bu ýerde köp sanly kaşaň myhmanhanalar, kottej şäherjikleri, seýilgähler, dynç alyş we şypahana düzümleri halkyň hyzmatynda. Gözel tebigatyň ekologik derejesi, Awaza deryasy bu ýerde ýakymly howa gurşawynyň emele gelmegini şertlendirýär. Säher bilen Günüň dogýan çaglarynda Hazaryň kenarynyň howasy, aýratyn-da, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň gurşawy ynsan üçin has-da ýakymly. Munuň özi, ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bolşy ýaly, deňziň kenaryndaky ýokary ekologik ýagdaýy saklamak ugrunda edilýän tagallalaryň aýdyň netijesidir.

Türkmen halky asyrlaryň dowamynda tebigata aýawly çemeleşmegiň, onuň bilen sazlaşykly ýaşamagyň özboluşly ýörelgelerini kemala getiripdir. Her ýyl geçirilýän köpçülikleýin bag ekmek dabaralarynyň netijesinde, paýtagtymyzda, Arkadag şäherinde, Awazada we tutuş ýurdumyzda ýaşyl zolaklaryň çägi barha giňelýär. Döredilýän seýilgählerdir seýilbaglar, tokaý zolaklary ýerli howa ýagdaýyna oňyn täsirini ýetirýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzda ekologik abadançylygyny üpjün etmek boýunça asylly başlangyçlarynyň häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde, Watanymyzyň tebigatyny we onuň gözelligini aýawly saklamak, daşky gurşawy, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar.

Milli hem-de ählumumy derejede ekologik abadançylygy üpjün etmek maksady bilen, ýurdumyzda toplumlaýyn we uzak möhmetleýin Milli tokaý maksatnamasy üstünlikli amala aşyrylýar. Onda senagat düzüminiň, ulag-kommunikasiýa ulgamynyň okgunly ösdürilmegi, şäherleriň we täze ilatly ýerleriň geriminiň giňeldilmegi bilen baglylykda, ýaşyl zolaklaryň, tokaýlaryň döredilmegi göz öňünde tutulýar.

Mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk, hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk şanly toýlaryna barýan Türkmenistan ekologiýa babatda halkara hyzmatdaşlygyny hem işjeň ösdürýär. Şu ýyl döredilenine 80 ýyl dolýan Birleşen Milletler Guramasynyň daşky gurşaw boýunça konwensiýalarynyň onlarçasyna goşulyşan ýurdumyz durnukly ösüş babatda dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde durýan meseleleri çözmäge jogapkärçilikli çemeleşýär. Özboluşly binagärlik keşbi bilen haýran galdyrýan Aşgabadyň timarlanan seýilgähleridir seýilbaglary, suw çüwdürimleri türkmen paýtagtynyň bezegi bolup durýar. Ýurdumyzda ekologiýa ýagdaýyny mundan beýläk-de gowulandyrmak bilen, uzak möhletleýin wezipeleri öz içine alýan Milli tokaý maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi hemişe üns merkezinde saklanýar.

Eziz Diýarymyzy ösüşden-ösüşe alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

***Ýörite habarçymyz.***

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň jemgyýetçilik, ykdysady we halkara gatnaşyklary ulgamynda uly işler alnyp barylýar. Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasy oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanmak bilen, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerini öňe sürýär. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygy, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy, Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygy bilen utgaşýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bütin dünýäniň nazary eziz Diýarymyza gönügýär. Çünki parahatçylyk we ynanyşmak gymmatlyklaryny dabaralandyrýan berkarar Watanymyzda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary esasynda adamzadyň abadançylygyny nazarlaýan asylly işler amala aşyrylýar.

## BAŞ MAKSAT — GENDER DEŇLIGINI ILERLETMEK

Bilşimiz ýaly, şu ýylyň awgust aýynyň başynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty geçirildi. Bu forumdaky çäreler toplumy köp ugry öz içine alyp, şolaryň arasynda zenan ýolbaşçylaryň duşuşygyna möhüm orun degişlidir. Deňhukuklylyk, erkinlik ýörelgelerine, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we umumy kabul edilen halkara kadalara laýyklykda, erkekler hem-de zenanlar üçin deň mümkinçilikleri döretmek hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenendir. Hut şoňa görä-de, 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş babatda Gün tertibiniň möhüm bölegi bolup durýan gender deňligi özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň wajyp ugurlarynyň biri bolup çykyş edýär.

Awazada geçirilen forumyň maksatnamasyna zenan ýolbaşçylaryň duşuşygynyň girizilmegi-de tötänleýin däldir. Çünki zenanlaryň öň hatarda bolmagy häzirki döwrüň ählumumy, şol sanda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ýüzbe-ýüz bolýan meselelerini çözmegiň möhüm şertidir. Şoňa görä-de, duşuşygyň maksady, esasan, zenanlaryň syýasy, ykdysady we jemgyýetçilik ugurlaryna gatnaşmagy üçin bar bolan mümkinçilikleri ara alyp maslahatlaşmakdan, gender deňligini öňe sürmekde öňdebaryjy tejribeleri we innowasion çemeleşmeleri kesgitlemekden ybarat boldy.

Zenanlaryň hukuklarynyň goragy, deňhukuklylygy her bir maşgalanyň abadançylygy we jemgyýetiň ösmegi üçin, ynsan nesliniň dowamaty, sagdyn we ruhubelent nesiller üçin kämil şahsyýetleriň kemala gelmegi nukdaýnazaryndan möhüm şertleriň biridir. Döwlet berkararlygymyzyň binýadyny berkidýän milli kanunçylygymyzyň ösüşinde hem aýal-gyzlaryň erkekler bilen deň derejede hukuklarynyň, azatlyklarynyň we olary durmuşa geçirmekde deň mümkinçilikleriň üpjün edilmeginiň ileri tutulmagy ata-babalarymyzyň durmuşda eýeren zenan sarpasyny hormatlamagyň deňhukuklylyk ýörelgesi bilen sazlaşykda ýüze çykýar.

Watanymyzda zenanlaryň mynasyp durmuşda ýaşamagy, döredijilikli zähmet çekmegi ugrunda ähli zerur şertler döredilýär. Ýurdumyz Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasyny ykrar etmek we halkara borçnamalaryna yzygiderli eýermek bilen, zenanlaryň hukuklary we azatlyklary babatda esasy halkara resminamalara goşuldy. Döwlet tarapyndan gelin-gyzlara dürli ýeňillikler berilýär, kanunçylyk esasynda gender deňligi üpjün edilýär. Bu ugurdaky anyk tagallalara halkara bileleşik tarapyndan ýokary baha berilýär. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda gender deňligini üpjün etmek, ýurdumyzda demokratik ýörelgeleri mundan beýläk-de berkitmek boýunça alnyp barylýan giň gerimli işleriň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilýändiginiň ýene-de bir güwäsine öwrüldi.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# «EKSPO — 2025»: TÜRKMENISTANYŇ MILLI PAWILÝONY

## dünýäniň üns merkezinde

*Dünýe malyna deňelen düýeler, türkmeniň uçar ganaty — ahalteke bedewleri, taryhyň jümmüşinden biziň günlerimize gelip ýeten ajaýyp miras — türkmen halysy. Halkymyzyň ruhy dünýäsini aýdyň görkezýän şeýle milli gymmatlyklarymyz Günüň dogýan ýurdy — Ýaponiýanyň iri şäherleriniň biri bolan Osakada geçirilýän «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisindäki hemişelik Bitarap Watanymyzyň pawilýonynyň arhitekturasynda öz beýanyny tapýar. Maglumatlara görä, bu sergide Türkmenistanyň milli pawilýony iň köp barylýan meýdançalaryň öň hataryna girdi. Bu bolsa ýurdumyzyň taryhynyň, medeniýetiniň, dürli pudaklarda gazanan üstünlikleriniň, ýeten belent sepgitleriniň daşary ýurtly raýatlarda uly gyzyklanma döredýändigine şaýatlyk edýär.*

«EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisi döwletleriň medeniýetde, tehnologiýada, ykdysadyýetde we başga-da birnäçe ugurlarda gazanan üstünliklerini tanatmakda, globallaşýan dünýäde parahat geljegiň hatyrasyna özara pikir hem-de tejribe alyşmakda özboluşly meýdançadyr.

Taryha ser salsak, bu sergi ilkinji gezek XIX asyrda Londonda guralypdyr. Şol döwürden bäri şeýle sergileriň ençemesi dürli şygarlaryň astynda geçirilip, olar dünýä ýurtlarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň berkidilmeginde, söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ilerledilmeginde, adamzadyň abadan durmuşynyň hatyrasyna bilelikde hereket edilmeginde uly orny eýeleýär. Halkara sergiler býurosy tarapyndan guralýan bu çäre dürli pikir-garaýyşlaryň, medeniýetleriň we dünýäniň röwşen geljeginiň hatyrasyna alnyp barylýan taslamalaryň ençemesiniň görkezilýän meýdançasy bolup durýar. Ýeri gelende bellesek, ozal Türkmenistan 2010-njy ýylda Şanhaýda, 2012-nji ýylda Ýosuda, 2015-nji ýylda Milanda, 2016-njy ýylda Astanada, 2021-nji ýylda Dubaýda geçirilen «EKSPO» sergilerine gatnaşdy.

Ýaponiýanyň Osaka şäherinde 13-nji aprel — 13-nji oktýabr aralygynda «Ýaşaýşymyz üçin geljegiň jemgyýetini döredýäris» diýen şygar bilen geçirilýän «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisi ýurdumyz üçin örän şowly başlandy. Has takygy, 14-nji aprelde serginiň çäklerinde oňa gatnaşyjy döwletleriň arasynda ilkinji bolup Türkmenistanyň Milli güni bellenilip geçildi. Bu dabaraly çärelere hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow gatnaşdy.

Sergä dünýäniň 160 ýurdunyň, şeýle-de iri halkara guramalarynyň 30-a golaýynyň wekilleri







gatnaşýarlar. Serginiň bölümleriniň mowzuklary «Durmuşy halas etmek», «Durmuş mümkinçiliklerini giňeltmek», «Durmuşy birleşdirmek» diýlip atlandyrylýar. «Durmuş mümkinçiliklerini giňeltmek» bölüminde ýerleşýän Türkmenistanyň milli pawilýony daş keşbiniň özboluşlylygy, millilige ýugrulanlygy bilen bu ýere gelýän myhmanlary özüne çekýär. Ýeri gelende bellesek, binanyň gurluşygynda ekologiýa taýdan arassa önümler ulanylandyr. Bu bolsa ýurdumyz tarapyndan tebigaty we daşky gurşawy goramakda alnyp barylýan işleriň aýdyň subutnamasydyr. Bina 3 gatdan ybarat bolup, her gatda ýurdumyzyň dürli pudaklarda gazanýan üstünlikleri şöhlelendirilýär. Has takygy, pawilýonyň birinji gatynda döwrebap innowasion tehnologiýalaryň, giň ekranlaryň kömegi bilen parahatçylygyň mekany — Türkmenistana wirtual syýahat etmek mümkinçiligi döredilendir. Şeýle-de bu gatda ekologik taýdan arassa, sebitde deňi-taýy bolmadyk, döwrüň keramaty — Arkadag şäheri barada tanyşdyryş wideofilmi sergä gatnaşyjylarda aýratyn ýakymly täsir galdyrýar. Watanymyzyň energetika, senagat, saglygy goraýyş, bilim, medeniýet, sport ugurlarynda gazananlary pawilýonyň ikinji gatynda ýerleşdirildi. Onuň merkezi böleginde ylmy hem-de halk lukmançylygynda giňden peýdalanylýan Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri tanyşdyrylýar.

Medeniýet — halklary birleşdirýän köpri. Şonuň bilen baglylykda, binanyň üçünji gatynyň tutuşlygyna türkmen medeniýetine we sungatyna bagyşlanmagy örän möhümdir. Bu gatda nepis türkmen halylary we haly önümleri, milli saz gurallary, ahalteke bedewlerine degişli esbaplar, gadymy keşdeçilik sungatynyň önümleri, muzeý gymmatlyklary, milli şaý-seplerimiz, heýkeltaraşlyk, küýzegärçilik işleri, Nusaý galasyndan tapylan birnäçe gymmatlyklar görkezilýär. Sergä gelýän syýahatçylara türkmen halkynyň asylly myhmansöýerlik däplerine laýyklykda, milli tagamlar hem-de gök çaý hödürlenilýär.

Awstraliýaly zenan Oliwiýa Raýanyň: «Türkmenistanyň pawilýony meniň üçin hakyky açyş boldy. Sähel salymda tutuş ýurduňyza aýlanyp çykan ýaly boldum. Milli gymmatlyklar, nepis halylar, ajaýyp lybaslar... — bularyň hemmesi gaýtalanmajak baýramçylyk ruhuny döredip, täsin bir film gören ýaly bolýarsyň» diýen sözlerinden hem görnüşi ýaly, bu ýere gelýän syýahatçylar güneşli ýurdumyz Türkmenistana gaýybana syýahat edýärler.

Umuman, Osaka şäherinde geçirilýän «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisi hemişelik Bitarap Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny, tehnologiýalar äleminde ýeten sepgitlerini, medeniýetini, sungatyny dünýä jemgyýetçiligine tanatmakda, dürli ugurlarda daşary döwletler bilen alnyp barylýan netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda ajaýyp mümkinçilikleriň meýdançasyna öwrüldi.

***Ylhas HALLYÝEW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby, «Esger».***

Halkymyzyň mert, gaýduwsyz gylyk-häsiýetleri ata-babalarymyzdan galan mirasdyr. Şol ýörelgäni dowam etdirjek mert ýigitlerimiz özüniň batyrgaýlygyny, ähli ýagdaýlardan baş alyp çykyp bilýän ugurtapyjylygyny subut etmek üçin buýsançly ädim bilen harby mekdebiň bosagasyndan ätleýärler.

*Mekdep diýmek — keramatly öý diýmek,*
*Topragyňy, ata-enäni söý diýmek,*
*Eger gerek bolsa, Watanyň üçin,*
*Orta çykyp, şirin janyň goý diýmek.*

Harby mekdep — ýaş watançy, edermen, wepaly we ygrarly ýaş nesilleri taýýarlaýan merdanalyk bilim ojagy. Onda ilkinji sapak mukaddes topragyň üstünde okalan watançylyk kasamyndan başlanýar. Harby kasam — mert ýigitleriň ähti-peýmany, ygrary. Şol mukaddes kasama wepaly bolup, ýurt goramaga taýýar ýaş Watan goragçylary harby mekdepde kämil ruhda terbiýelenýär. Ýaş ýetginjek harby lybasy egnine geýen pursadynda özüne ynanylan borjuň neneňsi belentdigine göz ýetirýär we şol beýik ynamy Watana bolan synmaz söýgüsi bilen ödemegi başarýar.



# HARBY MEKDEP — GAÝDUWSYZLYGYŇ ILKINJI ÄDIMI



Hormatly Belent Serkerdebaşymyza, mähriban halkymyza, eziz Watanymyza wepaly, harby kasama ygrarly ýaş watançy nesilleri we merdana serkerdeleri kemala getirmek Ýöriteleşdirilen harby mekdeplerde we ýokary harby okuw mekdeplerinde hem asylly däbe öwrüldi. Milli goşunymyzyň ýaş nesliň öňünde mertligiň hem-de mähriban Watanymyza çäksiz söýgi ruhunda watançylyk terbiýesini bermegiň mekdebi bolup hyzmat edýändigi üçin, edermen serkerdelerimiziň we esgerlerimiziň, ýaş watançy harby okuwçylarymyzyň öňünde örän uly wezipäniň durandygyny aýtmalydyrys.

Gahryman Arkadagymyz «Watan goragy mukaddesdir» atly kitabynda: «Bütin dünýäde ylmyň, şol sanda harby tehnikanyň ösýän döwründe ýurdumyzyň harby okuw mekdeplerinde sapaklaryň geçirilişini kämilleşdirmek, okuw işine kompýuter we multimediýa serişdelerini ornaşdyrmak, internet we elektron kitaphana ulgamlaryny giňden ulanmak zerurdyr» diýip belleýär. Meşhur türkmen serkerdesi Alp Arslanyň adyny buýsanç bilen göterýän Ýöriteleşdirilen harby mekdebimizde hem harby okuwçylaryň ylym-bilim almagy üçin ähli zerur şertler döredilendir. Harby mekdebimiziň kitaphanasyndaky kitaplar harby okuwçylarymyzyň bilimlerini çuňňur ele almagynda özüniň oňaýly täsirini ýetirýär. Şoňa görä-de, her bir watançy nesil bir maksada gulluk edip, ata Watanymyza, mähriban halkymyza, hormatly Belent Serkerdebaşymyza wepaly serkerdeler bolmak üçin döredilýän şertlerden netijeli peýdalanyp, okuwlaryny gowy bahalar bilen okap, kämil bilim alyp, Ýaragly Güýçlerimiziň abraýyny barha belende götermekde mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

Goý, ýaş nesle okamaga, döwrebap bilim almaga giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli tutýan tutumly işleri hemişe rowaç alsyn!

***Merjen GARLYÝEWA,***
***TGM-niň Alp Arslan adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň psihology, kapitan.***

# BAŞGABYM — BUÝSANJYM

Her bir ýurdy döwlet nyşanlary: Baýdagy, Tugrasy, Senasy bilen tanap bolşy ýaly, dünýäde uly abraýdan peýdalanýan döwlet hem-de hususy kärhanalary, guramalary, sport toparlaryny ýörite nyşanlary bilen tanamak mümkin. Mysal üçin, awtoulaglaryň nyşanlaryna seredip, şol awtoulagyň haýsy kompaniýa tarapyndan öndürilendigini, futbolçynyň köýnekçesine we nyşanyna seredip, onuň haýsy döwlete, topara degişlidigini bilmek bolýar. Her bir döwletiň raýatlarynyň öz döwlet nyşanlaryna uly hormat goýuşlary ýaly, edara-kärhanalardyr guramalar, türgen toparlarynyň wekilleri we olaryň janköýerleri hem öz nyşanlaryna sarpa goýýarlar. Nyşanlar olara ruhy goldaw bermek bilen, zähmet öndürijilikleriniň artmagynda, ýokary netije gazanmakda oňat täsirini ýetirýär.

Edil şonuň ýaly, Watan goragçylary bolan harby gullukçylara mukaddes borçlaryny berjaý etmekde öz harby egin-eşikleriniň we ondaky nyşanlaryň täsiri uludyr. Ýurt goragçylarynyň käbiri harby gullukçy bolmak kararyna gelmegine harby lybasa bolan söýginiň sebäp bolandygyny hem buýsanç bilen aýdýar. Harby gullukçylaryň egin-eşikleri olaryň gulluk edýän goşunyna laýyklykda dürli görnüşlere eýedir. Watanymyzyň mukaddes araçäkleriniň goragçylary bolan serhetçileriň egin-eşiklerinde göze ilýän aýratyn tapawut, olaryň ýaşyl reňkli başgabydyr.

Ýaşyl reňkli başgap — bu Serhet gullugynyň harby gullukçysynyň iň esasy nyşanlarynyň biri bolup, ony geýen harby gullukçynyň serhetçidigini aňladýar. Taryhda serhet goragçylarynyň owal-ahyr «ýaşyl papaklylar» diýlip tanalmagy hem hut şunuň üçindir. Bu başgabyň taryhy barada ýurdumyzyň ýokary harby okuw mekdebinde okaýan, harby talyp döwrümizde institutyň halypa, serhetçi mugallymlaryndan eşiden maglumatlarymyz hakykata ýakyn bolup, örän gyzyklydyr.

Aýdylyşyna görä, serhet başgabynyň goýy-ýaşyl depeli we açyk-ýaşyl kantly tikilen ilkinji görnüşi 1827-nji ýyla degişli bolup, bu, serhetçileriň ýaşyl reňkli häzirki başgabynyň taryhynyň tas iki asyra golaý wagty öz içine alýandygyny aňladýar. Serhetçileriň başgabynyň ýaşyl reňkli bolmagynyň sebäbi, ýaşyl reňkiň gözüň argynlygyny aýyrmak, dynç bermek häsiýeti bilen düşündirilýär. Döwlet serhediniň asudalygynyň goragçylary bolan serhetçileriň gullugy, esasan, gözegçilik etmek arkaly amala aşyrylýar. Uzak wagtlap bir tarapa hüşgär seredip duran esgerler biri-biriniň ýa-da özüniň başgabyna seredip, gözlerine dynç beripdirler. Başgabyň öňündäki papagyň gaşy ilkibaşda örän gaty plastmasdan ýasalyp, zerurlyk ýüze çykan halatynda ol tyg hökmünde ulanylypdyr. Öňünden aýlanýan, ulaldylyp-kiçeldilýän papak kemerçesi atly ýa-da pyýada goşunlarynda hereket edilende başgabyň kelleden uçmazlygy üçin alkymdan aýlap geçirilip berkidilipdir. Başgabyň üstki tegeleginden geçýän inçejik gyzyl çyzyk serhet çyzygyny alamatlandyrypdyr.



Eziz Watanymyz mukaddes Garaşsyzlygyna eýe bolandan soňra, serhet çäkleriniň mizemezligini üpjün etmek maksady bilen Serhet goşunlary döredildi. Hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň kesgitläp beren, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň hatarynda gulluk edýän harby gullukçylaryň harby egin-eşikleriniň täze görnüşlerine laýyklykda, türkmen serhetçileri bu günki gün ýaşyl Tugumyza kybapdaş bolan, gadymdan gelýän ýaşyl reňkli serhet başgabyna buýsanyp, eziz Watanymyzyň serhetlerini sak durup goraýarlar.

***Saparmyrat GARLYÝEW,***
***Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň harby gullukçysy, podpolkownik.***

*Buýsan Watan, öz bagtyýar nesliňe,*
*Olar sesin goşýar döwrüň sesine*

# ÜSTÜNLIKLERE BESLENÝÄN DYNÇ ALYŞ

Diýarymyzda her tomusky dynç alyş möwsümi ýaş nesliň ruhy, ahlak we beden taýdan ösüşini berkitmekde möhüm döwürleriň biri bolup durýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ynsanperwer syýasaty netijesinde häzirki wagtda bu möwsüm diňe bir dynç almak däl, eýsem, bilim-terbiýe almak we döredijilik bilen meşgullanmak üçin hem giň mümkinçilikleri özünde jemleýär.

Şu tomus möwsüminde ýurdumyzda ýerleşýän çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde okuwçylaryň müňlerçesi gyzykly çärelere, döredijilik we sport bäsleşiklerine, taryhy we tebigy ýerlerdäki gezelençlere işjeň gatnaşýarlar. Olar dürli okuw, sungat we dil taýýarlyk sapaklarynyň kömegi bilen bilim derejelerini artdyrýarlar, ruhy we fiziki taýdan kämilleşýärler. Şeýle merkezlerde guralýan döredijilik gurnaklary, kitap okamak çäreleri, milli däp-dessurlar bilen tanyşlyk sapaklary çagalaryň watançylyk ruhuny we medeni derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirildi. Ýaşlaryň arasynda geçirilýän çäreleriň ýokary guramaçylyk ýagdaýy olaryň başarnyklaryny ýüze çykarmaga we täze dostluk gatnaşyklaryny ýola goýmagyna mümkinçilik döredýär.

Tomusky dynç alyş möwsümi tamamlanyp barýar, indi çagalar bilen bir hatarda olaryň ene-atalary hem täze okuw ýylyna taýýarlyk çärelerini görýärler. Okuw esbaplarynyň taýýarlanylmagy bilen bir hatarda, çagalaryň ruhy taýdan taýýarlygy hem möhüm bolup durýar. Okuwçylaryň ýazky we tomusky möwsümde okan kitaplary, alan tejribeleri täze okuw ýylynyň üstünlikli başlanmagyna oňyn täsirini ýetirýär. Täze okuw ýylynyň öňüsyrasynda bilim edaralary hem ähli zerur taýýarlyklary tamamlaýarlar. Mekdeplerde abatlaýyş we abadanlaşdyryş işleri ýerine ýetirilip, okuwçylaryň we mugallymlaryň ýokary ruhda täze okuw ýylyna başlamagy üçin ähli şertler döredilýär.

Bagtyýar çagalaryň, ýaşlaryň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly nesiller bolup ýetişmekleri üçin giň mümkinçilikler döredýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz çäksizdir!

***Aýnagözel ORAZDURDYÝEWA,***
***TMÝG-niň etrap geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň baş hünärmeni.***

# MERGENLERIŇ TAÝÝARLYGY ÝOKARLANÝAR

Ýakynda maýor Muhammet Şalykowyň serkerdelik edýän harby bölüminde 2025-nji okuw ýylynyň söweşjeň taýýarlygynyň meýilnamasy esasynda çagyryş boýunça harby gullukçylaryň ýekelikdäki taýýarlygyny ýokarlandyrmak, olaryň ukyp-başarnyklaryny artdyrmak maksady bilen, mergenleriň okuw-usulyýet ýygnanyşygy guramaçylykly geçirildi. Oňa maýor Arslan Orazow ýolbaşçylyk etdi. Nazary bilimlerini özleşdiren mergenler harby bölümiň okuw-türgenleşik merkezinde amaly taýdan türgenleşdiler. Okuw-usulyýet ýygnanyşygynyň ahyrynda mergenlikde aýratyn tapawutlanan çagyryş boýunça harby gullukçylardan seržant Kerimberdi Bagtyýarow, esgerler Atajan Esenow, Söhbet Aňalow, Mekan Orazdurdyýew, Oraz Kuwandykow daga harby bölümiň serkerdesiniň Hormat hatlary gowşuryldy.

***Mekan ÝANGIBAÝEW,***
***kapitan.***

# ESGER KALBYNYŇ JOŞGUNY

Golaýda maýor Orazdurdy Meredowyň ýolbaşçylyk edýän garnizonynyň harby bölümleriniň çagyryş boýunça harby gullukçylarynyň arasynda TMÝG-niň şäher geňeşiniň hünärmeni Aýjan Abdullaýewanyň eminlik etmeginde şygryýet bäsleşigi geçirildi. Onuň dowamynda çagyryş boýunça harby gullukçylar gözel Diýarymyzyň owadan ýerlerini çeper beýan etmek, Gündogaryň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň goşgularyny labyzly okamak hem-de ata Watanymyzy, ene topragymyzy wasp etmek bilen, özleriniň ajaýyp goşgy setirlerini düzmek boýunça bäsleşdiler. Netijede, maýor Orazdurdy Meredowyň serkerdelik edýän harby bölüminden esger Söhbet Annageldiýew 1-nji, maýor Muhammetoraz Atajanowyň serkerdelik edýän harby bölüminden kiçi seržant Şatlyk Maksadow 2-nji, maýor Gurbanmyrat Ataýewiň serkerdelik edýän harby bölüminden esger Baýramgylyç Maşşyýew 3-nji orna mynasyp boldular we Hormat hatlary, TMÝG-niň adyndan sowgatlar bilen sylaglandylar.

***Kamila SEÝIDOWA,***
***kapitan.***

# DÖWRÜŇ TALAPLARYNA EÝERIP

Ýaňy-ýakynda polkownik Rüstem Aýmämmedowyň ýolbaşçylyk edýän garnizonynyň çäginde ýerleşýän harby bölümleriň arasynda «Iň gowy goş ammary» atly bäsleşik geçirildi. Bäsleşikde maýor Röwşen Atamyradowyň serkerdelik edýän harby bölümi 1-nji, maýor Oraz Meredowyň serkerdelik edýän harby bölümi 2-nji, maýor Muhammet Şalykowyň serkerdelik edýän harby bölümi 3-nji orna mynasyp boldular. Ýeňijilere garnizonyň serkerdesiniň adyndan Hormat hatlary gowşuryldy.

***Arslan ALTYÝEW,***
***maýor.***

# EZBER GERÇEKLER

Ýakynda şeýle at bilen podpolkownik Eziz Seýidowyň serkerdelik edýän harby bölüminde çagyryş boýunça harby gullukçylaryň dynç alşyny guramak, şahsy düzümiň beden hem-de psihologik argynlyklaryny aýyrmak hem-de olaryň çalasynlyklaryny artdyrmak maksady bilen, bäsleşik guraldy. Birnäçe tapgyrdan ybarat bolan bäsleşikde esgerler Kemal Ezizow 1-nji, Gylyçdurdy Öwezgylyjow 2-nji, Farruh Bahtyýarow 3-nji orna mynasyp bolmagy başardylar. Ýeňiji bolan çagyryş boýunça harby gullukçylara harby bölümiň serkerdesiniň adyndan Hormat hatlary we ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

***Gunça SEÝIDOWA,***
***kapitan.***

# WATAN — BIZIŇ BAŞYMYZYŇ PENASY

Golaýda şeýle at bilen podpolkownik Halnepes Meläýewiň serkerdelik edýän harby bölüminde podpolkownik Daňatar Hakberdiýewiň serkerdelik edýän bölünmesindäki işjeň agzalaryň gatnaşmagynda medeni-dynç alyş çäresi guraldy. Onda çagyryş boýunça harby gullukçylar eziz Diýarymyz hakyndaky goşgulary labyzly okadylar. Şeýle-de Watan hakynda ruhy lezzet beriji joşgunly aýdym-sazlary ýerine ýetirdiler. Bölünmäniň işjeň agzalaryndan esgerler Aýdyň Baýramgeldiýew, Ýakup Sypýanow, Ymamgeldi Kamalow, Didar Kadyrow, Sumbar Amanow, Serdar Annalyýew dagy dabarada öz ukyp-başarnyklaryny görkezdiler.

***Ogulnäzik ÝAKUBOWA,***
***maýor.***



## DÖNEÝIN!

Mährem enem, eziz enem, jan enem,
Maňa beren öwütlerňe döneýin!
Saçym darap, sypap, ören ellerňe,
Ak pamyk deý niýetlerňe döneýin!

Gasynlar goýupdyr ýyllaryň yzy,
Kynlaşypdyr epilmesi-de dyzyň.
Söhbediňi küýsäp gelendir gyzyň
«Guzym!» diýýän dilleriňe döneýin!

Myhman gelseň, öýüm bolýar ala-ýaz,
Ýylgyrşyň dünýämi edýär baky ýaz.
Ýaşlygym dolanýar, daş-töwerek — saz,
Ykbalymyň peşgeşine döneýin!

Janypkeş, zähmetde kän dökdüň deriň,
Keşde çekip, gaýma gaýandyr eliň.
Ykbal öwrümlerne bermediň periň,
Nusga bolan ykbalyňa döneýin!

Ýyllar saçyňyza sepse-de gary
Kalbyňyz ýatladýar nurana ýazy.
Agtyk, çowluk, ýuwluk — daşyňda bary,
Käbäm enem, buýsanjyňa döneýin!

## AK PATASYN ALYŇ ENELERIMIZIŇ!

Haýyrly bir işiň başyn tutsaňyz,
Ak patasyn alyň enelermiziň!
Dilegi kabuldyr mydam, bilseňiz,
Ak patasyn alyň enelermiziň!

Dereklerdir biziň aramyzdaky,
Biz bolaly herne saýaňyzdaky.
Bagt berer hoş ýakym aýaňyzdaky,
Ak patasyn alyň enelermiziň!

Döwlet eýesidir öwdün bilenler,
Barlygynda gadyryny biliňler,
«Iki dünýäm abat bolsun» diýenler,
Ak patasyn alyň enelermiziň!

«Ýaşlaň arasynda garrylar gerek»
Törümiz bezesin, misli bir derek.
Biz bolalyň, olar üçin janserek,
Ak patasyn alyň enelermiziň!

Jennet dabanynyň astynda enäň,
Perzentler, olaryň göwnüne degmäň!
Näzik ýüreklidir aýna dek, döwmäň
Ak patasyn alyň enelermiziň!

Danalaryň adamzada öwüdi —
Ene mähri ýykar äpet böwedi.
Joşar ýaly ýaşaýyşa höwesi,
Ak patasyn alyň enelermiziň!

***Güljahan MYRADOWA,***
***«Güneş» žurnalynyň bölüm redaktory.***



## Penjire

Penjire,
Sen durmuşyň aýnasymyň jadyly,
Sahnasy — adamlaň geçýän, gatnaýan.
Tomaşaçy bolup bakdykça saňa,
Aýralyk hyjuwy bagrym otlaýar.

Synlap ýaşaýyşyň täsin akymyn,
Pikirlemde men has çuňlara gitdim.
Bakyp ykballara kese nazarda,
Men dünýäde özüm tenhadyr öýtdüm.

Her pursatda neneň ümsümdiň aşa,
Meger, sen barlyga öňden beletdiň.
Çarçuwadan bakdygymça durmuşa,
Penjire,
Sen maňa kän zat öwretdiň.

## Säher guşlar nagmasynda

Säher guşlar nagmasynda,
Waspyn edýär söýgimiziň.
Asmanda ak kepderiler,
Bagtymyza nyşan biziň.

Gumrular — goşa kalbymyz,
Ak gar — misli päk duýgymyz.
Ýaz ýagşy deý basym sowlar,
Hasratymyz hem gaýgymyz.

Gijelerde nurana Aý
Yşkymyza şöhle salar.
Kalbymyz durnalar ýaly,
Nirde bolsa, taýly bolar.

Bagda bilbil, elwan bägül,
Alna sylar söýgimizi.
Nurly güneş sowuklardan
Çogy bilen gorar bizi.

Bagta barýar ak menziller,
Söýgimize zowal bolmaz.
Bu günlermiz misli bahar
Gyş hem bizi aýra salmaz.

***Annabeg AÝMAKOWA,***
***Köneürgenç etrabyndaky 57-nji orta mekdebiň mugallymy.***

## GÖWÜN

Gözlerim eglenip seniň ýoluňda,
Bakyşlarňy, ädimlerňi yzlardy.
Bir pursatlyk gaýdyp gelseň dünýäme,
Didelerim begenjinden sözlärdi.

Aramyza ýollar salsa-da ýyllar,
Sen bir ýylgyr, ýylgyrşyňa garaýyn.
Göwnüňi diläýse, biganäň dili,
Lukman deýin em edeýin, saraýyn.

Bu täleýiň emri, şeýle-de boldy,
Aýra düşdi bile başlan ýolumyz.
Islesek-de hiç birleşip bilmedik
Deň ikä bölünen ada ýaly biz.

Ýüregime salyp öýke-kinäni,
Arzuwlarmy ýel-ýagmyra sowurdyň.
Birje bakyş bilen, birje söz bilen,
Ýaz kalbymy aňzak gyşa öwürdiň.

Seni ýazgarmaga güýjüm ýetenok,
Ýürek sahabymy açanym ilki.
Bir gün özgäň ýüreginde gurulan,
Bagtymy uzakdan synlarsyň, belki!

***Abat MÄMMEDOWA,***
***TMÝG-niň Esenguly etrap geňeşiniň esasy hünärmeni.***

## Durmuş sapaklary

## Yhlasyň, zähmetiň höziri

Geljegimiziň dowamy bolan çagalarymyza, bu günki günde uly ynam bildirýäris. Her bir ynsan çagasynyň ahlakly, bilimli, iş başarjaň we beýleki gowy häsiýetlere eýe bolmagy üçin elinde baryny edýär. Olaryň, hatda, kiçijik üstünliklerine hem gereginden artyk baha berilýär. Dogry, ýaş nesillere mümkinçilik we goldaw bermek zerur. Emma şol bir wagtda azajygam bolsa eden işlerine talapkär çemeleşmek-de gerek. Adam ogly hemişe apalansa, öz derejesini bilmez we täze zatlaryň gözlegine çykmaz. Megerem, beýle ýagdaý Ýer ýüzünde näçe milliard adam ýaşaýan bolsa, ählisine degişli bolsa gerek.

Her bir ynsan özüniň biliminden we durmuşa geçiren işinden öz ýanyndan göwni hoş. Aslyn-da her birimiz, ilkinji nobatda, özümize närazylyk bildirmegimiz gerek. Özümiziň durmuşa geçiren işlerimizden razy bolmak zähmetden we kämilleşmekden daşlaşdyrýar. Onuň deregine özümize närazylyk bildirip, öňki durmuşa geçiren işlerimizden hem kämil bolup bilerdi diýen pikirde ýaşamaly. Şunlukda, işlerimiziň we özümiziň kämilleşip başlandygymyzy duýarys. Her bir adam öz hünärine garamazdan, närazylyk duýgusyny ýanyndan aýyrmaly däldir. Çünki her bir ynsana, esasan, häzirki wagtda, kämilleşmek zerur bolup durýar. Kämilleşmek bolsa özümize garşy närazylyk duýgusyny gazanmakdan başlanýar.

«Närazylyk» diýenimde görnükli şahyrymyz Gurbannazar Ezizow göz öňüme geldi. Şol bir wagtda güýzüň sary ýapraklarynyň arasynda «Närazylyk» goşgusy hakydama geldi. Goşgyny gulaga çala eşidiler ýaly aýtdym. Goşguda şahyryň özi bilen söhbetdeş bolýandygyny gördüm. Goşgy ýadyňyza düşmedik bolsa, köpimize tanyş setirlerini ýatladaýyn: «Agşam ýazan oňat setirleriňizden // Säherler oýanyp närazy boluň». Emma biz ýokarky setirleriň üstünde durman, umumy goşgudan jemgyýete peýdaly netije çykarmakçy.

Gurbannazar Ezizowy tanamaýan ýok bolsa gerek. Şonuň üçin-de onuň durmuşy barada durup geçmegiň hem zerurlygy ýok hasaplaýaryn. Sebäbi ol



her bir türkmeniň kalbynda orun alan şahsyýetdir. Gurbannazar Ezizowyň döredijiligi köpöwüşginliligi we aňasty pikirleri bilen tapawutlanýar. Şahyryň goşgy setirleriniň astynda açylmadyk başga-da pikirleriň, başga-da dünýäleriň ýatandygyny edebiýatçy alymlar belläp geçýärler. Şonuň üçin: «...Gurbannazar Ezizow şahyrlaryň şahyry» diýilmegi ýönelige däldir. Aslynda, çeper eseriň maksadam düşnükli bolmak bilen birlikde, sözleriň astynda ýatan içki pikiriniňem bolmagydyr. Çünki bu ýagdaý adamlaryň pikirlenmek ukybyny kämilleşdirip, halkyň sowatlylygyny ýokarlandyrýar. Netijede, ynsanlar gündelik durmuşda ýüze çykýan kynçylyklara düşünmäge we durmuşy gözelleşdirmäge belli bir derejede öz peýdasyny ýetirmäge ymtylýarlar.

Ýazyjydyr şahyr goşgy ýa-da eser döredeninde kim üçin döredýär?! Elbetde, jemgyýet, halk üçin döredýär. Eger-de jemgyýet bolmasa, döredijilik bilen meşgullanýan adamlaryň döredijiligi hiç kime geregem bolmazdy. Şonuň üçin dörediji adamlar öz eserleri bilen jemgyýeti kämilleşdirmäge synanyşýar, kämilleşmek üçin ýol salgy berýär. Mysal alnan setirlerde Gurbannazar Ezizow özi barada gürrüň berse-de, her birimiziň öz hünärimizde kämilleşmegimiziň zerurdygyny ýatladýar. Şygryň ilkinji setirlerinde: «Ýaz! // Kelläň telegraf sütüni bolup // günlesin, // ýazmakdan gurasyn goluň» diýmek bilen, şahyr özi barada söhbede başlaýar. Şahyr durmuşyndan mysal getirmek bilen, her bir adamy özüni kämilleşdirmek üçin zähmet çekmäge çagyrýar. Zähmet, ilkinji nobatda, özüňi kämilleşdirmek, soň bolsa halkyň azajygam bolsa durmuşyny ýeňilleşdirmekdir. Kämillik — zähmet çekip, çeken zähmetiňden närazy bolmakdyr.

*Närazylyk — örän oňat duýgudyr,*
*Ýöne bu duýgyny gazanmak kyndyr.*
*Ol — uly şahyryň böwründe hanjar,*
*Ejizleriň hanjarynyň gynydyr.*

Ýokarky bendiň ilkinji iki setirlerinde ünsümizi egläliň. Makalamyzyň başynda-da çagalar hakdaky meseläniň üstünde durup geçipdik. Ýaş nesle, ilkinji nobatda, özünden närazy bolmak arkaly kämilleşmegi öwretmäge çalşalyň! Goý, olar zähmetiniň hözirini görsünler, emma özüniň öňki gazanan üstünliginden has-da gowy netije gazanyp bilerin diýen duýguda ýaşasynlar.

Goşguda şahyr özi barada aýdýan bolsa-da, onda islendik hünärdäki adam üçin degerli maslahat bardyr. Meselem, özüm barada bir pursatlyk wakany belläp geçeýin. Birinji ýyl talybydym. Gizläp durjak däl, ýokary okuw mekdebimiz orta mekdep ýaly-da däl. Köp zatlary başarmagyňy, bilmegiňi talap edýär. Sebäbi onda ýokary bilimli adamlar kemala getirilýär. Asyl-ha, «talyp» sözi «talapdan» ýüze çykypdyr diýip aýdylýar. Talabam talapdyr welin, özümize göwnümiz ýetýän ýerlerem az däldi. Kompýuter sowatlylygym kiçilikden ortaçady. Okuwda öz hünärimiz bilen birlikde kompýuter sowatlylygyna degişli derslerem geçýärdik. Ýyl tamamlanyp, synaglar ýetip geldi. «Häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary» dersinden synag. Bu dersi gowy bilýärmikäm öýdýärdim. Emma beýle däl eken. Synagy «kanagatlanarly» baha bilen tamamladym. Bu ýagdaý mende uly täsir galdyrdy. Kompýuterden gowy baş çykarýaryn diýen pikirde ýaşamagym ýaralanmagyma getirdi. Aýdaly, kiçi wagtyň ýykylyp, eliňi ýa-da aýagyňy ýara edersiň-ä, edil şonuň ýaly. Indi şol dersden alnan netijäni üýtgetjek gümanyň ýok. Dersiň netijesini üýtgetmese-de, halypa mugallymyň kömegi bilen mundan soňky durmuşda kompýuteriň gerekdigine düşündim. Şeýlelik bilen, ony içgin öwrenmäge başladym we häzirki wagtda-da öwrenmegimi dowam edýärin.

Durmuşymyň şojagaz pursady maňa kämildirin diýen pikirden daşlaşyp, özümden närazy bolmagyň ähmiýetlidigini öwretdi. Şu wagta çenli kompýuteri peýdalanyp eden işlerime seredenimde, bu günki gün azajygam bolsa kämilleşendigime göz ýetirýärin. Ähli hünärde hem kämilligiň soňky nokady ýok. Diňe razylyk, göwnühoşluk bilen öz hünäri boýunça şol bir ýerde durýan adamlar bar. Bu bolsa özümiziň badyhowalyga düşen pursadymyzdan başlanýar. Her bir ynsan özüne närazylyk bildirse, jemgyýetiň durmuşyny ýeňilleşdirýän mümkinçilikleri döreder. Ol, ilki özümiz üçin, soňra bolsa adamlar üçin peýdalydyr. Şeýlelikde, närazylyk — kämilligiň we jemgyýetiň durmuşyny ýeňilleşdirýän mümkinçilikleriň başlangyç nokady. Makalamyň «nokadyny» bolsa Gurbannazar Ezizowyň şu setirleri bilen jemlemegi ýerlikli hasap edýärin:

***Sen özüňden näçe närazy bolsaň,***
***Il senden şonça-da razydyr, razy.***

***Rejepgeldi ALLAMYRADOW,***
***esger.***



## TÜRKMENISTANYŇ ŞYPAHANALARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde, Diýarymyzyň ähli ugurlary bilen bir hatarda saglygy goraýyş ulgamynda hem uly üstünliklere ýetildi. «Türkmenistanda şypahana ulgamyny ösdürmek boýunça 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Milli maksatnama» we bu maksatnamany amala aşyrmak üçin ýerine ýetirmeli çäreleriň meýilnamasyna laýyklykda, ýurdumyzda şypahana ulgamyny ösdürmek, halkymyzyň saglygyny dikeltmek esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Watanymyzyň iň gymmatly baýlygy bolan ynsan saglygyny gorap saklamakda, jemgyýetimize sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyryp, halkyň, geljekki nesillerimiziň bagtyýar, asuda, parahat durmuşda ýaşamaklary ugrunda netijeli işler amala aşyrylýar.

Täsin tebigatly künjeklerde, melhem suwly çeşmeleriň golaýynda ajaýyp binagärlik keşbine eýe bolan, iň kämil lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilen şypahanalarda raýatlarymyz öz saglyklaryny dikeldýärler. Täze şypahanalar gurlup, bar bolanlarynyň durky täzelenip, olar dünýä ülňülerine doly laýyk gelýän ýokary hilli lukmançylyk enjamlary bilen enjamlaşdyrylýar. Şypahanalaryň her biri öz tebigy aýratynlygy bilen dürli dertlere melhemdir. Diýarymyzyň dürli künjeklerinde ýerleşýän «Arçman», «Ýyly suw», «Bagabat», «Awaza», «Mollagara», «Baýramaly», «Farap», «Daşoguz» we «Berzeňňi» şypahanalary munuň aýdyň subutnamasydyr. Olaryň ählisinde anyklaýyş, bejeriş, barlaghana bölümleri bolup, olar adamlaryň kesellerinin öňüni almaga, saglyklaryny dikeltmäge ýardam edýärler.

Her biriniň öz aýratynlygy, bejeriş usuly, duzy, palçygy, mineral suwy bardyr. Ýylyň islendik möwsüminde şypahanalarda bejergi almaga, saglygyňy dikeltmäge ähli mümkinçilik döredilendir. Mundan başga-da, şypahanalarda ýörite fitobarlar bolup, olarda Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän dermanlyk ösümliklerinden taýýarlanylan dürli görnüşli melhemlik çaýlary raýatlarymyza bejergi almakda we saglygyny dikelmekde uly ýardam berýär.

Türkmen halkynyň abadan durmuşda ýaşamagy ugrunda giň gerimli netijeli işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, tutýan tutumly işleri elmydama rowaç alsyn!

***Salamat UDUMOWA,***
***Aşgabat şäherindäki 6-njy Saglyk öýüniň bölüm müdiri.***

## TOMUS PASLY ÜÇIN PEÝDALY MASLAHATLAR







- Adam saglygyna peýdaly bolan Gün şöhlesini ýerlikli peýdalanmagy başarmaly, sebäbi ol diş we süňk dokumalaryna zerur bolan «D» witamininiň işlenip çykmagyna täsir edýär.
- Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berk berjaý etmeli.
- Gan basyşyňyzy we ganyň düzümindäki süýjini elmydama gözegçilikde saklamaly.
- Sagdyn we kadaly iýmitlenmeli. Çendenaşa ýagly iýmit önümleri iýmekden saklanmaly.
- Ýiti iýmit zäherlenmeleriň we ýiti içege ýokanç keselleriň öňüni almak maksady bilen, iýmit önümlerine bildirilýän arassaçylyk talaplaryny talabalaýyk berjaý etmeli.
- Güneşe baý Diýarymyzda tomus paslynyň jöwzaly günleriniň dowam edýän günleri bedeniň kesele garşy göreşijilik ukybyny ýokarlandyrmak üçin Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän dermanlyk ösümliklerinden taýýarlanan melhem çaýlaryny maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp içmeli.
- Dermanlary, şol sanda antibakterial serişdelerini lukman bilen maslahatlaşman, özbaşdak hiç wagt ulanmaly däl.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.***

ESGER
ESASLANDYRYJYSY—TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI
hepdelik gazet
Baş redaktor Serdar MYRADOW

Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edilýär. Redaksiýa gelýän hatlara jogap, syn berilmeýär we golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar.

Gazetiň belgisi - 69457.
Möçberi - 4 sahypa.
Ölçegi - A2.
A—116956
Sany - 23200

Gazetiň asyl nusgasy «ESGER» gazetiniň Kompýuter merkezinde taýýarlandy.

Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär.
Telefon belgisi: 39-95-36.

TELEFON BELGILERIMIZ:
Kabulhana, faks - 38-62-23.
Jogapkär kätip - 38-61-93.
Bölümler - 38-61-94, 38-62-16, 38-62-72, 38-62-25, 38-62-27.

SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly — 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
E-mail: esger-gazeti@sanly.tm
Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň penşenbe güni çykýar.
Bahasy 30 teňňe.